Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň
2011-nji ýylyň 13-nji dekabrynda çykaran 477belgili
**B U Ý R U G Y**

## Türkmenistanyň umumybilim edaralary üçin sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, 2017 ý., № 1 (21), 53-nji sahypa)

Türkmenistanyň „Saglyk“ döwlet maksatnamasyny we Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksini ýerine ýetirmek üçin, **buýurýaryn: .**

Türkmenistanyň umumybilim edaralary üçin sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2011-nji ýylyň 13-nji dekabrynda
çykaran № 477 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Türkmenistanyň umumybilim edaralary üçin sanitariýa-epidemiologiýa kadalary

Türkmenistanyň Bilim ministrligi blen ylalaşyldy

### I. Umumy düzgünler

1. Bu sanitariýa-epidemiologiki kadalary (mundan beýläk sanitariýa kadalary) Türkmenistanda hereket edýän ähli görnüşdäki umumybilim edaralaryna degişlidir.

2. Täze gurulýan we durky täzelenilýän döwlet umumybilim edaralarynyň (mundan beýläk “mekdepler”) gurluşy we otaglarynyň ýerleşişi hem-de enjamlaşdyrylyşy boyunça kadalaşdyryjy resminamalary Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyklykda kabul edilmelidir.

Tipli gurluşy bolmadyk binalarda ýerleşdirilen mekdepleriň durky täzelenende we düýpli bejergi işleri geçirilende şu sanitariýa kadalarynyň talaplaryna laýyk getirilmegini gazanmalydyr.

3. Mekdepleriň täze gurlan binalary, durky täzelenen ýa–da düýpli bejeriş işleri geçirilen binalar Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary (mundan beýläk-Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary) tarapyndan rugsatnamasy bolan ýagdaýynda işe girizilip bilner.

## II. Mekdeplere degişli meýdançalara bildirilýän talaplar

4. Mekdepler üçin üzňeleşdirilen we intensiw gatnawly awtoulag ýollaryndan, goh-galmagalyň, howany hapalamagyň çeşmeleri bolup durýan senagat, hojalyk we beýleki kärhanalardan uzaklaşdyrylan özbaşdak ýer meýdany göz öňünde tutulýar. Bu meýdanyň çägindäki toprak arassa we gurak bolmalydyr. Mekdepleriň binasyndan ulag ýollaryna ýa-da beýleki desgalara çenli aralyk şäherlerde 25 m-den, obalarda bolsa 10 m-den az bolmalydäl.

5. Meýdançany gök agaçlar bilen, köçä we dälizlere ýanaşyk ýerler bolsa 1,2 m beýiklikde haýat bilen germewlenmeli.

6. Meýdançanyň agaçlar oturdylan meýdany 40-50% bolmalydyr. Meýdança zäherli miweleri berýän iri we gyrymsy agaçlary oturtmak gadagan edilýär.

7. Ýer meýdançasy aşakdaky böleklere bölünýär: okuw–tejribe, bedenterbiýe-sport, dynç alyş we hojalyk. Hemme bölünen ýerler binalar bilen we öz aralarynda amatly aragatnaşykda bolmalydyr. Mysal üçin, mekdep-internatlarda dynç alyş bölegi ýatylýan bina ýanaşyk ýa-da golaý bolmaly.

8. Top oýnalýan we sport snarýadlary zyňylyp oýnalýan meýdançalar binanyň penjirelerinden azyndan 25m daşlykda gurnalmaly, haýatyň beýikligi 3m pes bolmadyk ýagdaýynda 15m daşlykda ýerleşdirilmeli, beýleki görnüşli bedenterbiýe – sport çäreleri üçin meýdançalar bolsa azyndan 10 m aradaşlykda bolmaly.

Sport meýdançalarynyň abzallaşdyrylyşy bedenterbiýeden okuw maksatnamasynyň, şeýle-de mekdepden daşary sport - sagaldyş çärelerini geçirmekligiň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Sport-oýun meýdançalary gaty örtükli, futbol meýdançalary bolsa ot örtükli bolmaly. Çig toprakly meýdançalarda çäreleri geçirmeklige rugsat berilmeýär. Dürli şikesleriň öňüni almak maksady bilen sport meýdançasyny yzygider tekizläp durmaly. Sport meýdançasynda sport maşklaryny ýerine ýetirmeklige diňe sport eşiginde we aýakgabynda rugsat edilýär. Çagalar bilen sport abzallaryny we enjamlaryny ulanmaklygyň düzgünleri boýunça okuwlar geçilmelidir.

9. Meýdançanyň dynç alyş bölegi baglaryň, gök ekinleriň golaýynda, sport we hojalyk böleginden uzakda ýerleşmelidir. Bu bölek hereketli oýunlary we rahat dynç alyş üçin meýdançalary öz içine alýar.

Hereketli oýun we dynç alyş üçin meýdançalar binanyň çykalgalaryna golaý ýerde ýerleşmelidir (arakesme wagtynda olary doly peýdalanmak üçin).

10. Meýdançanyň hojalyk zolagy naharhananyň (bufetiň) önümçilik otaglarynyň girelge tarapyndan ýerleşmelidir. Meýdançanyň bu zolagynyň çägi gök gyrymsy agaçlar bilen haýatlanyp köçeden özbaşdak girelgesi bolmalydyr.

Merkezleşdirilen ýyladyş we suw üpjünçilik ulgamlary bolmadyk ýagdaýynda hojalyk bölüminiň çäginde özbaşdak bug gazan ýerleşýän jaýy, suw nasosy bilen suw ýygnaýjy göwrümi göz öňünde tutulmalydyr.

Zir-zibil ýygnaýjy gutular jebis ýapylýan gapaklar bilen üpjün edilmeli. Olar betonlanan meýdançada, naharhananyň penjirelerinden we girelgeden azyndan 25m daşlykda goýulmaly, üç tarapyndan bolsa gök gyrymsy agaçlar bilen germewlenmeli.

11. Meýdançanyň girelgelerine, geçelgelerine, hojalyk binalaryna, zir-zibil dökülýän gutularyň durýan meýdançalaryna barýan ýodajyklara, lagym ulgamy bolmadyk oba ýerlerinde howludaky hajathanalara barýan ýodajyklaryna asfalt, beton we beýleki gaty örtükler düşelmelidir. Edaranyň binasynyň ýanaşyk ýerleriniň azyndan 100 metri gaty örtük bilen örtülmelidir.

12. Oba ýerlerindäki mekdeplere degişli meýdançalar gök ekinler üçin şitilhanalary, kiçi göwrümli oba hojalyk tehnikalaryny saklamak üçin kömekçi otaglaryň hasabyna giňeldilip bilner.

## III. Mekdepleriň binalaryna we otaglaryna bildirilýän talaplar

13. Binanyň beýikligi 3-gatdan ýokary bolmaly däldir. Eger-de şäheriň dykyzlygy ýokary bolsa onda 4-gat beýiklikdäki binalary hem gurmaga rugsat berilýär.

14. Mekdep ýörite niýetlenen binada ýerleşdirilmedik bolsa, okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna we sanyna laýyklykda otaglaryň sany we meýdany Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

15. Mekdepleriň binalarynda aşakdaky otaglaryň toplumlary bolmalydyr:

1-3-nji synplar üçin okuw bölümler;

4-10-njy synplar üçin okuw bölümler;

zähmet okuwy üçin bölümler;

okuw-sport we medeni-köpçülik çäreleri üçin bölümler;

umumy mekdep üçin niýetlenen (naharhana, eşik çalşylýan otag, kitaphana, dolandyryş-hojalyk, lukmançylyk otaglary we başgalar).

16. Mekdep-internatlarda ýatylýan we kir ýuwulýan otaglar göz öňünde tutulmaly.

17. Okuw otaglary olaryň ulanylşyna laýyklykda okuw, okuw-önümçilik we okuw-sport görnüşlere bölünýär. Okuw-önümçilik we okuw-sport otaglary binanyň birinji gatynda ýörite bloklarda ýerleşmelidir.

Mekdep - internatlarda başlangyç synplar üçin okuw otaglaryny ýatylýan otaglar bilen bir ýerde ýerleşdirmek bolýar.

18. Mekdep - internatlarda terbiýelenýän ýokary synp okuwçylary üçin okuw we ýatylýan otaglar aýratyn bloklarda ýa-da bölümlerde ýerleşdirilýär.

Okuw otaglaryny sesiň (gohuň) we ysyň çeşmesi bolup durýan (ussahana, sport we mejlisler zaly, iýmit blogy) otaglaryň golaýynda ýerleşdirmäge rugsat edilmeýär.

19. Mekdep-internatlarda oglanlar we gyzlar üçin özbaşdak ýatylýan otaglar aýratyn ýa-da ýaş aýratynlyklary boýunça okuw-ýaşaýyş bloklarda ýerleşdirilýär.

20. Başlangyç synpyň okuwçylary 1-nji gatda aýratyn blokda ýerleşdirilen synp otaglarynda okadylmaly.

21. Ýokary synplarda okuwlary synp-kabinet ulgamy boýunça gurnamaklyga rugsat edilýär. Synp otaglaryny, okuw kabinetlerini binanyň ýerzeminlerinde we ýarym ýerzeminlerinde ýerleşdirmek gadagan edilýär.

22. Okuw otaglary öz içine okuwçylar, mugallymlar, okuw-görkezme esbaplar, tehniki okuw enjamlar we özbaşdak okuwlar üçin bölümleri alýar.

23. Okuw otaglarynyň meýdany, şeýle-de hasaplaýyş enjamlary ýerleşdirilen okuw otaglaryň meýdany Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

24. Himiýa, fizika, biologiýa, informatika okuw otaglary üçin tejribe otaglary göz öňünde tutulmaly.

25. Mekdep-internatlarda ýatylýan otaglar bölümi ýatylýan otagdan başga-da el ýuwulýan, hajathana, egin-eşigi we aýakgaby arassalamak üçin, gyzlar üçin şahsy gigiýena otaglary, şeýle-de suwa düşülýän otaglary öz içine alýar.

26. Ýatylýan otaglar 1-4 synplar üçin 4-6 sany, 5-10 synplar üçin 2-4 sany okuwça niýetlenen bolmaly.

27. Her gatda oglanlar we gyzlar üçin aýratyn hajathana nokatlary bolmaly.

Mekdepleriň we mekdep-internatlaryň binalaryndaky sanitar enjamlarynyň sany, elýuwarlaryň we duşly otaglaryň sany Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Hajathanalary okuw otagynyň girelgeleriniň garşysynda ýa-da olara golaý ýerleşdirmek gadagan.

28. Zähmet okuwy üçin otaglar beýleki okuw otaglardan üzňe bolmalydyr. Okuw ussahanalaryny tebigy ýagtylygy bilen ýeterlikli üpjün edilen ýarymýerzemin gatda, şeýle-hem eşik çalşylýan we hajathana otaglary bar bolan aýratyn binada ýerleşdirmäge rugsat edilýär.

29. Okuw-sport zallary ikinji gatdan ýokarda ýerleşdirilmeli däl. Sport zalyna synp we ýatylýan otaglaryň üstünden geçmekligi göz öňünde tutmaklyga rugsat edilmeýär.

30. Sport zallarynyň sany we görnüşleri, mekdebiň görnüşine we onuň niýetlenen okuwçy sanyna baglylykda kesgitlenilýär.

Sport zallarda her biriniň meýdany 10,5m² bolan oglanlar we gyzlar üçin aýratyn egin-eşik çalyşylýan otaglar; 9m² bolan suwa düşülýän otaglar; 8m² bolan oglanlar we gyzlar üçin aýratyn hajathanalar; 9m² bolan türgenler üçin otaglar göz öňünde tutulmalydyr.

Bedenterbiýe-sport üçin niýetlenen otaglaryň sanawynda trenažor enjamlary bilen enjamlaşdyrylan otag bolmaly, şeýle-hem mümkinçilik bolan ýagdaýynda (mümkin boldygyça) suw howuzlary (basseýnler). Sport zalyň we degişli otaglaryň meýdany Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

31. Mejlisler otagynda orunlaryň sany mekdepler üçin Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynda görkezilen talaplara laýyk gelmelidir.

32. Kitaphananyň görnüşi umumy bilim berýän mekdebiň görnüşine we niýetlenen orun sanyna bagly bolýar.

Kitaphana, kitap okalýan, kitap saklanýan we okuw kitaplaryny abatlamak üçin niýetlenen otaglardan ybarat bolmaly. Kitaphana degişli otaglaryň ölçegleri Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

33. Mekdep okuwçylarynyň iýmitlenmekligi naharhanada gurnalan bolmaly. Naharhananyň we aşhananyň (kömekçi otaglary bilen birlikde) meýdanlary Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

34. Aşhana otaglary binanyň 1-nji gatynda aýratyn ganatda ýerleşip, hojalyk meýdançalaryna özbaşdak çykalgasy  bolmaly.

Aşhana otaglary sport-okuw we medeni-köpçilik toplumlary bilen ýanaşyk hem ýerleşdirilip bilner. Şeýle-de ýeterlik tebigy ýagtylyk bilen üpjün edilen, ýerden çuňlugy 1,5 m-den çuň bolmadyk ýarym ýerzeminde ýerleşdirmeklige rugsat edilýär.

Aşhananyň önümçilik otaglaryndan daşyna çykylýan özbaşdak çykalga bolmalydyr.

35. Saglyk otagynda özbaşdak hajathana nokady gurnalan bolmaly, lukmançylyk otagyna gerekli enjamlaryň mysaly sanawy şu sanitariýa kadalarynyň 1-nji goşundysynda gözkezilýär.

36. 30 we ondan köp synply mekdeplerde lukmanyň kabinetinden başgada diş lukmanyň kabineti göz öňünde tutulmaly.

37. Mekdep-internatlarda lukman we sanjym otaglary garyşyk görnüşinde gurnalyp, olar ýatylýan toplumlaryň otaglary hem-de üznelik otaglary bilen gatnaşygy bolmalydyr.

## IV. Emeli we tebigy ýagtylyga bildirilýän talaplar

38. Okuw otaglarynda tebigy ýagtylyk bolmaly. Tebigy ýagtylygyň okuw otaglarynda iň amatly usuly çep taraplaýyn we lenta görnüşde düşýän ýagtylykdyr. Iki taraplaýyn ýagtylandyrylmada okuw otaglarynda çuňlugy 6 m-den proýektirlenýän halatynda ýokary diwaryndan 2,2 m beýiklikde sag taraplaýyn emeli ýagtylandyryş hökmany gurnalmalydyr. Bu ýagdaýda esasy ýagtylyk akymyny okaýanlaryň sag tarapyndan, öňünden we yzyndan goýbermelidäldir, sebäbi oturan okuwçylaryň kölegesiniň hasabyna partalaryň we iş stollaryň üstüniň tebigy ýagtylandyryşy peselýär. Zähmet otaglarynyň ussahanalarynda, mejlisler we sport zallarynda iki taraplaýyn gapdal tebigy we garyşyk ýagtylandyrma (ýokarky we gapdallaýyn) ulanylyp bilner.

39. Diňe ambarlary, hojalyk otaglary, dälizleri, naharhanalary, hajathanalary we suwa düşülýän otaglary emeli ýagtylyk bilen ýagtylandyrmaga rugsat berilýär.

40**.** Çep taraplaýyn ýagtylandyryşda penjireden iň daşdaky nokatlarda ýerleşýän iş ýerleriniň (stollaryň, partalaryň) üstüniň  tebigy ýagtylandyryş koeffisenti 1,5 % -den az bolmaly däl. Şol bir wagtyň özinde otagyň içindäki iş stollaryň üstüniň ýagtylandyryşynyň deň derejeligi Luks ölçegindäki iň pes ýagtylygyň ýokary

ýagtylyga bolan gatnaşygyna laýyklykda bildirilýär we ol 0,3-den aşak bolmaly däldir.

41. Okuw otaglarynyň penjireler gözýetimiň günorta, günorta gündogar we gündogar tarapynda bolmaly. Çyzuw, surat, kompýuter, şeýle-hem aşhana otaglarynda gözýetimiň demirgazyk tarapyndan penjireleriň goýulmagyna rugsat edilýär.

42. Okuw otaglarynyň örtükleriniň üstüniň serpikdirme koeffisenti % hasabynda 1-nji tablisada görkezilen.

1-nji Tablisa

**Okuw otaglarynyň örtükleriniň üstüniň serpikdirmesiniň koeffisiýenti**

| **Diwarlaryň,pollaryň, enjamlaryň serpikdiriji üsti** | **Talap edilýän koeffisiýent %** | **Talap edilýän koeffisiýenti üpjün edýär.** |
|---|---|---|
| Potoloklar | 70-85 | Hek bilen boýaglar |
| Gapylar we gapy aralyklary, äpişgeler we çarçuwalar | 70-85 | Ak reňk bilen reňklemek |
| Diwarlar (ýokarsy) | 60-80 | Hek, ýelimli boýaglar: soluk-sary, açyk-ýaşyl reňkli |
| Beýikligi 1,50-1,75 m bolan diwar paneli | 50-60 | Ýyly sabynly suwda ýuwmaga rugsat edilýän, açyk reňkli poliwinil-asetatly we silikatly reňkler bilen reňklemek |
| Partalar,stollar we oturgyçlar | 35-50 | Partalaryň we stollaryň üst ýüzüni ýaşyl, açyk-ýaşyl, açyk-çal reňkde reňklemek ýa-da tiksturany saklamak bilen bejermek. Ulanylýan emulsiýalar we emallar mebelleriň gündelik çigli arassalanma durnukly bolmaly |
| Pollar | 25-30 | Pol örtügi üçin mümkin boldugyça açyk reňkli matariallary ulanmak |
| Tagtalar | 10-15 | Goňur ýa-da goýý ýaşyl reňkli ýylmanak üstli, tekiz, jaýryksyz ýa-da beýleki materiallary ulanmak.Tagtanyň örtügi gündelik ýuwmaklyga durnukly bolmaly |

43. Ýagtylyk serpikdirijiliginiň peselmesiniň öňüni almak üçin görkezme esbaplary, diwarlyklary we asylýan plakatlary synp tagtasynyň garşysyndaky diwarda asmaly, olaryň ýokarky gyrasy poldan 1,75m – den ýokarda ýerleşmeli däl. Şkaflar we beýleki enjamlar otagyň yzky diwaryna ýanaşdyrylyp goýulmalydyr.

44. Mekdebiň okuw otaglarynda we mekdep-internatlaryň ýatylýan otaglarynda hökmany suratda günden goraýjy serişdeler göz öňünde tutulmalydyr. Okuw

otaglarynda ýeterlik derejede ýagtylyk göýberiji we ýagtylyk dargadyjy ukyby oňat bolan tutular bolmaly. Fizika, himiýa we kinofilmler görkezilýän okuw otaglarynda garaňkyladýan tutular iş wagty däl ýagdaýlarda-da otaglaryň ýagtylandyryşyny peseltmeýän bolmalydyr.

Okuw otaglarynda düşýän tebigy ýagtylygy maksimal we gyradeň ulanmak üçin:

baglary penjirelerden azyndan 10 m daşlykda ekmeli, her ýaz paslynda olaryň ösen şahalaryny kesip, timarlamaly, gyrymsy agaçlary bolsa binadan 5 m daşlykda ekmeli.

penjireleriň aýnalaryny reňklemeli däl we galyň tutulary tutmaly däl.

Gülleri ýörite asma ýa-da göçme enjamlarda ýerleşdirmeli we olaryň beýikligi ýerden 65-70 sm bolmaly.

aýnalary daş ýuzünden ýylda azyndan 3-4 gezek, iç ýüzünden aýda 1-2 gezek ýuwmaly.

45. Synp we tejribe otaglarynda, partalar we stollar okuwçylardan ýagtylyk çep tarapdan düşer ýaly tertipde ýerleşdirilmeli.

46. Okuw otaglarynda umumy ýagtylandyryş ulgamyny ulanmaly. Lýuminessent lampaly ýagtyltgyçlar ýagtylyk serpikdiriji diwarlar bilen parallel ugurda ýerleşip, daşky diwardan 1,2m, içki diwardan 1,5m daşlykda ýerleşdirilmeli. Okuw otaglaryny we okuw-önümçilik ussahanalaryny umumy ýagtylandyrmak üçin lýuminessent çyralary ulanmaly.

47. Bir otagda lýuminessent we adaty spirally çyralary bir wagtda ulanmaly däl. Täze görnüşli çyralary we ýagtylandyryjy armaturlary Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan rugsat bolmadyk ýagdaýynda ulanmak gadagan.

Synp tagtasy 2 sany parallel goýlan çyralar  bilen ýagtylandyrylmaly. Çyralar synp tagtasynyň ýokarky çäginden 0,3 m beýklikde ýerleşmeli.

48. Ýagtylandyryşyň kadalary we ýagtylygyň çeşmeleri Türkmenistanyň Gurluşyk kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

49. Okuw we önümçilik otaglarynda umumy ýagtylyk çeşmelerinden başga-da stanoklardaky we beýleki enjamlardaky ýagtylandyryjylar bilen goşmaça ýagtylyk çeşmeleri bolmaly. Mekdepde beýleki hünärler boýunça ussahanalar bolan ýagdaýynda, onda iş ýerleriniň üstündäki ýagtylygyň derejesi önümçiligiň aýry-aýry ugurlaryna we geçirilýän işleriň görnüşine we takyklygyna laýyklykda emeli ýagtylyk bilen üpjün edilmeli, ol hem, kärhanalaryň ýagtylyk kadalaryna laýyklykda bolmaly, emma okuw otaglaryň ýagtylygynyň kadalaryndan pes bolmaly däldir. Ýagtylandyryş enjamlaryny ýylda azyndan 2 gezek arassalamaly we köýen çyralary haýal etmän çalyşmaly. Bu işlere okuwçylary çekmek  gadagan.

## V. Howa - ýylylyk tertibine bildirilýän talaplar

50. Mekdeplerde ýyladyş, howa çalyşma, howa sowatma ulgamlaryna bildirilýän talaplar jemgyýetçilik edaralaryna we desgalaryna bildirilýän gigiýeniki kadalara laýyk gelmelidir.

Desgalarda ýyladyş enjamlary hökmünde radiatorlary, beton diwarlara berkidilen ýörite gyzdyryjy turba gurallary hem-de konwektorlary gutyda ulanmaklyga rugsat edilýär. Gyzdyrýan enjamlaryň daşyny oturtma agaçdan gözenekler bilen örtmeli we olary penjireleriň aşak ýanynda ýerleşdirmeklige rugsat edilýär. Gyzdyryjylaryň daşyny agaç-ýonuşga plitalar we beýleki polimer materiallary bilen örtmeklige rugsat berilmeýär. Ýyladyjy esbaplaryň üstüniň gyzgynlygy 80°C ýokary bolmaly däl.

51. Mekdep binasynyň taslamasynda howa bilen ýyladyş we howa çalşyryş ulgamlary utgaşdyrylan bolsa, onda iş otaglarda ulgamlaryň awtomatiki işledilşi otagdaky howanyň temperaturasyny bir derejede saklap we çyglylygyň 40-60% bolmagy göz öňünde tutulmalydyr.

Aýry howa çekiji ulgamlar aşakdaky otaglarda göz öňüne tutulmaly:

synp we okuw otaglarynda (howa bilen ýyladylýan ulgam ýok bolsa) tejribehanalarda, mejlisler zalynda, suwa düşülýän otaglarda, naharhanalarda, saglyk otaglarda, hajathanalarda, ýygym enjamlary saklanýan otagda.

Naharhanalardaky howa çalşygy aşhanada tehnologiki enjamlardan çykýan artyk ýylylygy özüne çekýän howa sorujylaryň bolmagy bilen üpjün edilmelidir. Azbestsementdan howa geçiriji ulgamlary gurnamak rugsat edilmeýär.

52. Az toplumly we bir gat binaly mekdeplerde (80-den köp adam bolmasa) peçli ýyladyş ulgamynyň bolmagyna rugsat berilýär. Ýyladyjy peçler dälizlerde gurnalýar.

Demir peçleri gurnamak rugsat edilmeýär.

53. Penjireler we olaryň kiçi gözleri ýylyň dowamynda işjen bolmalydyr. Howanyň maýyl günlerinde penjireleriň we olaryň kiçi gözleriniň açyk ýagdaýynda okuwlary geçirilmek peýdalydyr.

Okuw otaglary okuw başlamazdan, sapakdan soň we arakesme wagtynda ýelejiridilmeli, dälizlerde bolsa-okuw wagtynda. Ýelejiredilmegiň wagty howanyň şertlerine bagly bolýar we dowamlylygy 2-nji tablisada görkezilen.

2-nji Tablisa

**Daşky temperaturanyň esasynda okuw otaglarda garşylyklaýyn howa ýelejiredilmegiň dowamlygy**

| **Daşky temperatua,ºC** | **Otagyň ýelejirediliş dowamlylygy (minut hasabynda)** | |
|---|---|---|
| | Kiçi arakesmede | Uly arakesmede we I we II tapgyrlaryň aralygynda |
| 35 ºC -den 25 ºC çenli | 10 | 35 |
| 25 ºC -den 20 ºC çenli | 4-10 | 25-35 |
| 20 ºC -den 5 ºC çenli | 3-7 | 20-30 |
| 5 ºC -den -5 ºC çenli | 2-5 | 15-25 |
| -5 ºC -den -10 ºC çenli | 1-3 | 10-15 |

| | | |
|---|---|---|
| -10 ºC -dan aşak | 1-1,5 | 5-10 |

54. Her okuw otagynda termometrler oturdylmaly. Howanyň temperaturasy klimata bagly bolmazdan aşakdaky ýaly saklamaklyk talap edilýär:

synp otaglarynda, okuw otaglarynda, tejribehanalarda, mejlisler zalynda, aýdym we saz otaglarynda - 17-20ºC;

okuw ussahanalarynda, sport zalda, gurnak otaglarynda temperatura - 15-17ºC;

kitaphanada, ýolbaşçylaryň iş otaglarynda, dynç alyş otagynda, mugallymlar, kompýuter otaglarynda - 17-21ºC ;

sport zalyň eşik çalşylýan otaglarynda -19ºC, suwa düşülýan otagynda -20ºC;

lukmanlar otagynda -21-23ºC;

rekreasiýa (okuwçylaryň dynç alyş we oýnaýan) otaglarynda, girelge zalynda, eşik saklanýan ýerde(garderobda) - 16-18 ºC;

çagalaryň ýatýan otaglarynda - 18-20 ºC aralygynda bolmaly.

55. Bedenterbiýe okuw sapaklary howasy gowy çalşylýan zalda geçirilmeli. Onuň üçin daşarky howanyň temperaturasy 5ºC we gowşak şemally bolanda sapak wagty zalyň 1 ýa-da 2 penjiresini açmaly. Daşky howanyň temperaturasy 10ºC-dan pes we ýeliň hereketi güýçli bolan ýagdaýynda zalda sapaklar penjireleriň kiçi gözleri açyk arkaly geçirilýär. Arakesmeleriň arasynda we okuwçylaryň ýok wagtynda garşylyklaýyn ýelejiretme geçirilýär. Zalyň temperaturasy 14-15ºC ýetende ýelejiretmäni besetmeli.

56. Mekdepleriň ähli otaglarynda çyglylyk 40 – 60 % aralygynda bolmaly.

57. Hajathanada, aşhana otaglarynda, suwa düşülýän otaglarda, ussahanalarda howa sorujy ulgam gurnalýar. Howa sorujy ulgamynyň gözenekleri her aýda tozandan arassalanmalydyr.

58. Zähmet okuwy geçirilýän ussahanalarda köp mukdarda ýylylygy we tozany bölüp çykarýan stanoklar we gurallar bilen işlenilende howa we tozan sorujy mehaniki enjamlar oturdylmalydyr. Howa çalşygynyň ýygylygy 1 çaga üçin 1 sagatda 20 $m^3$ az bolmaly däl. Stanoklar we enjamlar sanitariýa kadalaryna laýyk gelmeli we goraýjy serişdeler bilen üpjün edilen bolmalydyr.

## VI. Lagym we suw üpjünçilik ulgamlaryna bildirilýän talaplar

59. Mekdeplerde we mekdep-internatlarda Türkmenistanyň Gurluşyk kadalaryna laýyklykda hojalyk-agyz suw, gyzgyn suw, lagym we suw akdyryjy ulgamlary bolmaly.

60. Eger-de ilatly ýerlerde lagym we suw ulgamy bolmasa onda zir-zibilleri we hapa suwlary ýygnamak meselesi aýratynlykda Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşyklylykda çözülýär.

61. Mekdepler merkezleşdirilen agyz suwuň hiline bildirilýän arassaçylyk talaplara laýyklykda ýaramly agyz suwy bilen üpjün edilmelidir.

62. Mekdeplerde agyz suwuny arassalaýan süzgüçleri ulanmaklyk meselesi Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

63. Naharhananyň önümçilik otaglary, saglyk otaglary, başlangyç synp otaglary, fizika, himiýa, çyzuw, surat otaglary we zähmet okuw ussahanalary gyzgyn we sowuk suw bilen üpjün edilmeli.

64. Lagym ulgamlary bolmadyk ýerlerde abzallaşdyrylan ýerli arassalaýjy desgalar bolan ýagdaýynda, mekdeplerde içki lagym ulgamy gurnalýar.

## VII. Mekdepleriň enjamlaşdyrlyşyna bildirilýän talaplar

65. Okuw otaglarynyň niýetlenilşine baglylykda okuwçy partalary (bir we iki orunlyk), çyzgy ýa-da tejribe stollary ulanyp bilner. Stollar üç hatardan goýulmaly, ýöne iki ýa-da bir hatar hem goýlup bilner.

66. Her okuwçy boýuna, eşidiş we görüş ukybyna baglylykda partada ýa-da stolda amatly iş ýeri bilen üpjün edilmeli. Mebelleri okuwçylaryň boýlaryna baglylykda saýlamak maksady bilen reňkli belgilenme ulanylýar. Okuw otaglarynda arkasyz oturgyçlary ulanmak gadagan. Mebelleriň ölçegleri we belgilenişi Döwlet Standartlary «Okuwçy partalary» we «Okuwçy oturgyçlary» esasynda geçirilýär. Mebelleriň belgilenişi we ölçegleri aşaky 3-nji tablisada görkezilen.

3-nji Tablisa

**Mebelleriň belgilenişi we ölçegleri**

| Mebelleriň belgileri. | Boý topary (mm) | Okuwça tarap goýlan stoluň üstüniň poldan beýikligi (mm) | Belliklenme reňki | Oturgyjyň öň tarapynyň poldan beýikligi (mm) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 1000-1150 | 460 | Ýapyk sary | 260 |
| 2 | 1150-1300 | 520 | badam | 300 |
| 3 | 1300-1450 | 580 | sary | 340 |
| 4 | 1450-1600 | 640 | gyzyl | 380 |
| 5 | 1600-1750 | 700 | ýaşyl | 420 |
| 6 | 1750 ýokary | 760 | mawy | 460 |

67. Okuw otaglarynda partalar (stollar) toparlar esasynda goýulýar: kiçi ölçegli synp tagtasyna golaý goýulýar, ulular-yzda, görüşi we eşidişi peselen çagalar olaryň ulylygyna bagly bolmazdan öňki hatarlarda oturdylýar, görüşi pes çagalar öňki hatarda aýna golaý ýerleşdirilýär. Guryagyry keselli, ýiti sowuklamalar bilen ýygy-

ýygydan keselleýän okuwçylar (angina, ýokary dem alyş ýollarynyň ýiti sowuklama keselleri), daşky diwardan we penjirelerden daşda oturdylmalydyr.

68. Oňurga tutuşyň bozulmalarynyň öňüni almak maksady bilen I-III (IV) hatarda oturýan okuwçylary boýyna görä, partalaryň ýerleşiş tertibini bozman, okuw ýylyň dowamynda azyndan 2 gezek orunlaryny çalyşmaly.

69. Her bir okuwçy boýuna görä işçi ýer bilen üpjün edilmelidir.

70. Esasy okuw otaglarynda geçelgeleriň we enjamlaryň aralagynyň ölçegleri santimetr hasabynda alynýar:

iki orunlyk partalaryň hatar aralygy azyndan 60 sm;

bir orunlyk partalaryň hatar aralygy azyndan 50 sm;

parta hatarlaryň daşky diwar bilen aralygy azyndan 70 sm (kerpiçden we ýerli materiallardan edilen binalarda 50 sm çenli rugsat edilýär);

partalaryň hatar aralyklary we jaýyň içki diwarynyň şkaflar bilen aralyklary azyndan 70 sm;

öňdäki duran parta bilen tejribe stolunyň aralygy azyndan 80 sm;

synp tagtasyndan 3 ýa-da 4 hatar ýerleşdirilen hatarlaryň öňdäki partalaryna çenli aralyk azyndan 170-200 sm. Tejribehanalarda- azyndan 255 sm;

iki orunlyk partalar 4 hatar ýerleşdirilen halatynda öňdäki stollar bilen diwaryň aralygy azyndan 225 sm;

yzky parta bilen yzky diwaryň aralygy azyndan 65 sm; yzky diwar daşky diwar bolan ýagdaýynda, azyndan 100 sm;

ýeňsedäki diwaryň boýuna goýlan şkaflardan yzky partalara çenli aralyk azyndan 80 sm;

mugallymyň stoly bilen öň diwaryň aralygy azyndan 65 sm;

tejribe stolundan synp tagtasyna çenli aralyk azyndan 100 sm;

hatarlardaky partalaryň aralygy azyndan 50 sm;

mugallymyň stoly bilen öň hatardaky partalaryň aradaşlygy azyndan 50 sm;

iň soňky okuwçy oturgyjynyň synp tagtasyndan iň uly daşlygy azyndan 1000 sm;

synp tagtasynyň aşaky gyrasynyň poldan beýikligi:

I synplar üçin 70-80 sm;

II-III synplar üçin azyndan 75-80 sm;

IV-X synplar üçin azyndan 80-90 sm. bolmaly.

71. Synp tagtasyna serediş burçy (uzynlygy 3 m bolan synp tagtasynyň gyralaryndan öň, hatardaky öň gyraky partalaryň ortasyna çenli daşlyk) 1-nji synplarda we tejribe otaglarynda azyndan 35º, beýleki okuw otaglarynda azyndan 30º.

72. Synp tagtalarynda meliň tozanyny saklamak üçin ternaw, meli goýmak üçin legenjikler, esgijikler, çyzgyç we görkezgiç esbaplary saklaýjy gapjagaşlar gurnalan bolmaly.

Fizika we himiýa okuw otaglarynda suw, lagym ulgamlary we elektrik togy bilen üpjün edilen tejribe stollary bolmalydyr.

Okuw-tejribe esbaplarynyň okuwçylara gowy görünmegi üçin tejribe stoluny münberiň üstünde goýmak maslahat berilýär.

Fizika we himiýa otaglarynda okuw tejribe stollary goýulýar, olara elektrik togy çekilen we howa gysyjylar (fizika otaglary üçin) gurnalan bolmaly. Himiýa kabinetleriň tejribe otaglarynda sorujy şkaflar gurnalmalydyr.

73. Informatika otaglarynyň enjamlaşdyryşy widiodispleýli terminallara, kompýuterlere bildirilýän gigiýeniki talaplaryna we işiň guramaçylygyna laýyk gelmelidir.

74. Zähmet okuwy üçin otaglarda enjamlaryň gurnalyşy görüş üçin amatly, dogry iş duruş ýagdaýyny saklamaklyga we şikeslenmäniň öňüni almaklyga gönükdirilen bolmaly.

Hyzmat ediş zähmetiniň görnüşleri boýunça okuw otaglary ülňüleri biçmek we kesmek üçin niýetlenen ýörite stol, tikin maşynlary, aýna bilen üpjün edilmeli we stollar penjireleriň ugry boýunça 2-3 hatar goýulmaly.

Egerde hyzmat ediş zähmetiniň okuw otagy 1 otagdan ybarat bolsa, onda elektroplita, bölüji stol, gap we el ýuwmak üçin ýörite ýer göz öňünde tutulmaly.

75. Okuw otaglarynyň diwarlary ýylmanak, ýagny çygly arassalaýyş işlerini geçirmek üçin amatly bolmaly.

76. Pollary jaýryksyz, agaç, parket ýa-da düýbi ýyladylan linolium bilen örtülen bolmaly.

Hajathana we el ýuwulýan otaglaryň pollary keramika plitalary bilen örtülen bolmaly, sement ýa-da mermer we şuňa meňzeş örtgüler ulanmalydäl.

77. Mekdep-internatlaryň ýatylýan otaglaryndaky mebeller çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelmeli we ýeňil, oňaýly bolup dezinfeksiýa we dezinseksiýa işlerini geçirmek üçin amatly bolmaly.

Krowatlar goýlanda şu araçäkler berjaý edilmeli: uzyn taraplary bilen -0,5 m az bolmadyk, kelle taraplary bilen -0,2m az bolmadyk, aýry hatarlaryň arasyndaky aralyk -1,0m az bolmadyk, krowat bilen daşky diwaryň arasy-0,6m az bolmaly däldir.

78. Başlangyç synplar üçin otaglarda, tejribe we okuw otaglarynda, ussahanalarda, saglyk otagynda, mugallymlaryň we tehniki işgärleriň otaglarynda hökman el ýuwujy enjamlar gurnalan bolmalydyr. Suw geçiriji ýok ýerlerde elýuwarlar gurnalmaly.

## VIII. Mekdepleriň otaglaryna we meýdançalaryna bildirilýän sanitariýa talaplary

79. Mekdebe degişli meýdançalary arakesme wagtynda okuwçylar açyk howada gezelenç eder ýaly, bedenterbiýe sapaklaryny, biologiýa okuw-tejribe okuwlary, şeýle-de, okuwçylar bilen mekdepden daşary çäreleri geçirer ýaly giňişleýin ulanmaly.

Meýdançada gündelik arassalaýyş işleri geçirilmeli: ýaz-tomus aýlary gök ösümlikler, güller, gyrymsy agaçlar, oýnalýan meýdançalar we ýodajyklar günde suwlanmaly; gyş möwsüminde umumy oýnalýan meýdançalar we ýodajyklar gardan arassalanmaly. Ýazyň başynda we güýzüň ahyrlarynda meýdançalarda arassalaýyş

işleri  geçirilmelidir. Mekdebiň howlusynda ýerleşýän hajathana we onuň tutawaçlary günde 1 % hloraminiň ergini ýa-da 1% durlanan hlor hekiniň durlanan ergini bilen ýuwulmaly, oturgyçlar wagtal-wagtal 10% hlor hekiniň ergini bilen zyýansyzlandyrylmaly.

80. Mekdebiň girelgesinde köwüş süpürer ýaly gözenek görnüşli süpürgüçler goýulmaly.

81. Epidemiýa taýdan abadançylyk ýagdaýynda edaranyň ähli otaglarynda günde soda, sabyn we sintetiki ýuwujy serişdeleri bilen çygly arassalaýyş işleri geçirilýär.

Arassaçylyk işleri aşakdaky tertipde geçirilýär:

ýatylýan otaglarda – irden çagalar ukudan oýanandan soň;

synp, okuw we kömekçi otaglarda –soňky sapak  gutarandan soň, gaýtadan sapaklara taýýarlaýyş we gurnaklaryň işi gutarandan soň;

dälizlerde–her arakesmeden soň;

oýnalýan otaglarda –günüň ahyrynda;

naharhana zalynda –her gezek nahar iýlenden soň;

eşik çalşylýan ýerlerde –her tapgyryň sapaklary başlanandan soň;

saglyk otaglarynda –irden;

mejlisler zaly we beýleki gurnaklar üçin ýörite otaglarda – günüň ahyrynda;

suwa düşülýän otaglarda – hapalanşyna görä;

hojalyk-dolandyryş otaglarynda – iş güniň ahyrynda we  güniň dowamynda zerurlyk ýüze çykanda;

mekdebdäki hajathanalarda – her arakesmeden soň (zyýansyzlandyryş seriş-delerini ulanmak bilen);

Sport zalynda her sapakdan soň howa-çalşylýar we arassalanýar. Sport zalynyň we sport enjamlarynyň çygly arassalaýyş işlerini güniň dowamynda azyndan 2 gezek geçirmeli.

Göreş üçin düşekçeleri azyndan hepde-de 1 gezek açyk howada kakyşdyrmaly.

82**.** Arassaçylyk işlerini penjireleriň açyk ýagdaýynda geçirmeli. Eger  mekdep günüň iki salkynynda işleýän bolsa, arassalaýyş işleri iki gezek geçirilmeli. Pollar ýuwulmaly, tozan ýygnanan ýerler (penjireleriň öňleri, radiatorlar we şoňa meňzeş) çyg mata bilen süpürilmeli.

83. Aýda 1 gezek otaglarda diňe ýuwujy serişdeler bilen däl-de, bellenilen tertip boýunça rugsat edilen zyýansyzlandyryş serişdelerini (0,5-1 % hlor hekiniň ergini, hloramin ýa-da gipohlorid kalsiý, 1 %-pelisepsin ergini, 1 %-peraminiň ergini, 3%-wodorod turşusynyň ergini ýuwujy ergini bilen bilelikde) hem ulanyp düýpli arassalaýyş işleri  geçirilmeli.

84. Köpçülikleýin barylýan ýerlerde (hajathana, bufet, naharhana we saglyk otagy) arassaçylyk işleri hemişe zyýansyzlandyryş serişdelerini ulanmak bilen geçirilmelidir.

Hajathanalaryň we el ýuwulýan otaglaryň arassaçylygy her arakesmeden soň zyýansyzlandyryş serişdeleri ulanylyp geçirilýär (0,5-1 % hlor hekiniň durlanan ergini, hloramin, gipohlorit kalsiý ýa-da natriý we beýlekiler). Ýygym enjamlar

belgilenýär we ýörite otaglarda ýa-da şkaflarda saklanylýar. Hajathanany arassalamak üçin ýygym enjamlar aýry saklanylýar.

Sanitariýa-tehniki enjamlar epidemiologiýa ýagdaýyna seretmezden gündelik zyýansyzlandyrylmaly. Unitazyň oturgyçlary, suw çekiji çelegiň tutgujy, gapy tutawaçlary sabynly ýyly suw bilen ýuwulýar. El ýuwarlary, unitazlary şýotgalar ýa-da kwaçlar bilen arassalaýyş-zyýansyzlandyryş serişdelerini rugsat edilen bellenilen tertipde ulanyp, etiketkasynyň görkezmesine laýyklykda arassalanýar ýa-da zyýansyzlandyryjy serişdeleriň birinde öllenen esgi bilen iki gezek süpürilmeli.

85. Çäklendirme (karantin) döwründe, gündelik zyýansyzlandyryş işleri çäklendirme kesgitlenen synpyň okuwçylarynyň ähli okan otaglarynda geçirilýär (şu sanitariýa kadalarynyň 2-nji goşundysynda görkezilendir).

Zyýansyzlandyryş işleri geçirilende esasy kesel geçirip biljek zatlara uly üns berilýär. Howa damja ýoly bilen geçýän kesellerde – synplarda howa çalşygyny ýygy-ýygydan amala aşyrmak (her arakesmede), otaglarda tozany aýyrmak, gap-gaçlary zyýansyzlandyrmak; içege ýokanç kesellerinde - gap-gaçlary we nahar iýilýän stollaryň üstüni, sanitariýa-tehniki enjamlary zyýansyzlandyrmak, her nahardan oň we hajathana girilenden soň elleri sabyn bilen ýuwmak.

86. Saglyk otaglaryndaky enjamlarda we otaglarda zyýansyzlandyryş işlerini geçirmekden başga köp gezek ulanylýan lukmançylyk enjamlaryny  ýörite taýýarlanan ergininiň kömegi bilen şu sanitariýa kadalaryň 2-nji goşundysyna laýyklykda zyýansyzlandyrmaly ýa-da zyýansyzlandyrmanyň fiziki usullaryny ulanmaly (gaýnatma, gury gyzgyn howa). Näsaglara ideg edilen serişdeleri ýörite taýýarlanan  erginler  bilen süpürmeli ýa-da ergine ezip goýmaly.

87. Mekdebe degişli meýdançalarda günde arassaçylyk işleri geçirilýär. Taşlandylar zir-zibil üçin niýetlenen, gapak bilen ýapylýan demir gutulara dökülýär. Gutularyň 2/3 göwrümi dolandan soň olary boşatmaly. Zir-zibil atylýan gutular, çukurlar 10% hlor hekiniň ergini bilen zyýansyzlandyrylýar. Zir-zibiller görkezilen erginleriň biri bilen zyýansyzlandyrylýar: 10 % hlor hekiniň ergini bilen 2:1 gatnaşygynda 120 min çenli, 20 % hlor hekiniň ergini bilen 2:1 gatnaşygynda 60 min çenli.

88. Siňekleriň ýumurtga taşlamagynyň we olaryň köpelmeginiň öňüni almak maksady bilen her 5-10 günden 1 gezek zir-zibiller taşlanýan gutular siňeklere garşy serişdeleriň biri bilen zyýansyzlandyrylýar. Mekdebiň howlusynda gözegçiliksiz haýwanlar bolmaly däldir.

## IX. Mekdebiň naharhanasynyň (bufetiniň) sanitariýa ýagdaýyna we saklanylşyna bildirilýän talaplar

89. Mekdebiň naharhanalary (bufetler) sanitariýa kadalarynyň talaplaryna laýyklykda gurnalyp, nahar taýýarlananda, saklananda, iýilende, gap-gaçlar ýuwulanda bu talaplar berk berjaý edilmelidir.

90. Nahar taýýarlanýan blogyň diwarlarynyň, pollarynyň örtügi hem-de tehnologiki enjamlaryň ýerleşdirilişi, Saglygy goraýyş we derman sanagaty ministrliginiň 2010-njy ýylyň 15-nji martynda çykaran №98 belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2010-njy ýylyň 14-nji iýulynda 529 san belgi bilen hasaba alynan "Jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryna" laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

91. Naharhana zaly stol we oturgyçlar bilen üpjün edilmeli. Stollaryň üsti ýeňil ýuwulýan, ýokary gyzgynlyga we zyýansyzlandyryş serişdelerine çydamly örtükler bilen örtülmeli.

92. Naharhanada (bufetde) el ýuwarlaryň sany 20 sany orna 1 kran hasapdan gelip çykmaly, olar naharhana barýan giňeldilen geçelgelerde ýa-da dälizlerde gurnalmaly.

93. Naharhanada ulanylýan gap-gaçlar farfordan, emallanan gapdan ýa-da poslamaýan polatdan bolmalydyr. Alýuminden we plastmasdan gap-gaçlary ulanmak gadagan.

94. Naharhanada arassalaýyş işleri okuwçylar naharlanandan soň (ertirlik, günortanlyk, öýlänlik) geçirilmeli. Her naharlanmadan soňra naharhana stollary sabynly ýa-da sodaly gyzgyn suw bilen ýuwulmaly.

95. Gap-gaçlar el bilen ýa-da mehaniki enjamlaryň kömegi bilen ýuwulýar. El bilen ýuwulanda 3 gözli wannalar ulanylýar.

Iýmit galyndylaryndan arassalanan naharhana gaplary ýuwujy serişdeli suwda (50ºC) şýotka bilen ýuwulmaly (1-nji wannada). Soňra gaplar zyýansyzlandyryjy erginleriň birinde ezilýär (0,2%-li hloraminiň ergini, gipohlorid natri ýa-da kalsiý)-2 wanna, 65ºC gyzgynlykdaky akar suwuň aşagynda çaýkalýar (3 wanna) we ýörite şkaflarda ýa-da gözeneklerde guradylýar.

Aýna gaplar mehaniki arassalanmadan soňra rugsat edilen ýuwujy serişdeler bilen ýuwulýar (1 wanna), soňra gyzgynlykdaky akar suwuň aşagynda çaýkalýar (2 wanna) we ýörite gözeneklerde guradylýar.

Naharhanadaky çemçeler, wilkalar mehaniki ýol bilen we ýuwyjy serişdeleri ulanyp arassalanandan (1 wanna) soňra gyzgynlykdaky akar suwuň aşagynda çaýkalýar (2 wanna). Soňra howaly sterilizatorlarda fiziki usul bilen 2-3 min zyýanyzlandyrylýär. Arassa çemçeleri we wilkalary demir gözeneklerde tutawaçlary ýokarlygyna goýulýar.

96. Çäklendiriji çäreler (karantin) döwründe gap-gaçlaryň arassalaýyş we zyýansyzlandyryş işleriniň yzygiderligi üýtgeýär. Ilki bilen iýmit galyndylaryndan arassalanyp, zyýansyzlandyryjy erginleriň şu sanitariýa kadalaryň 2-nji goşundysynda görkezenleriň birine ýatyrylýar ýa-da 2 %-li soda erginde 15 min gaýnadylýar. Ondan soňra gap-gaçlary ýuwulýar, gyzgyn suw bilen çaýkaýarlar we guradýarlar.

Gap-gaçlary ýuwujy enjam ulanylanda, arassalaýyş işleri enjamyň resminamasynda görkezilen düzgünine laýyklykda geçirilýär.

97. Gap-gaçlary ýuwmak üçin ulanylýan esgileri, çotgalary stol süpürilýän esgileri, ulanylandan soň 15 min sodaly suwda gaýnatmaly ýa-da zyýansyzlandyryjy

erginde (0,5 %-li hloramin ergini 50 min) ýatyrmaly, soňra çaýkamaly, guratmaly we ýörite belgilenen gaplarda saklamaly.

98. Nahar taýýarlanýan blogyň otaglarynda (aşhana, ambar we şoňa meňzeş) iýmit önümlerini we iýmit galyndylaryny saklamaklygyň düzgünleri berjaý edilip, siňekler, tarakanlar we gemrjiler bilen göreş çäreleri geçirilmelidir.

99. Mekdeplerde okuwçylar gaýnadylyp sowadylan suw bilen üpjün edilmeli. Suw emal gaplarda saklanmaly we gaplar hasa bilen ýapylmaly. Suwly gaplaryň ýanynda arassa stakanlar toplumy ýa-da emal kürüşgeler goýulmaly. Gaplardaky suwlar günde çalşylmaly, stakanlar we kürüşgeler her gezek ulanylandan soň gyzgyn suw bilen ýuwulmaly.

## X. Okuwçylaryň iýmitlenmesini gurnamaklyga bildirilýän talaplar

100. Mekdepleriň ählisinde okuwçylar üçin bir gezek gyzgyn naharyň taýýarlanmagy gurnalmalydyr. Uzaldylan günli okaýan toparlarda, okuwçylar okaýan ýerlerinde iki gezek gyzgyn nahar (ertirlik we günortanlyk) we uzak güniň dowamynda bolýan okuwçylar öýlänlik nahar bilen üpjün edilmelidir.

101. Mekdeplerde okuwçylaryň iýmitini gurnamak we iýmitiň görnüşlerini kesgitlemek Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen hökmany ylalaşylmalydyr.

102. Okuwçylaryň iýmiti gurnalanda “Jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalarynyň” talaplaryndan ugur alynmalydyr.

103. Mekdepde okuwçylaryň we işgärleriň arasynda iýmit zäherlenmesi we ýiti içege ýokanç keselleriň ýüze çykan ýagdaýynda bellenen möhletde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralaryna habar berilmelidir.

104. Mekdep okuwçylarynyň iýmitlenmeginde şu aşakdakylary ulanmak gadagan:

hil taýdan pes we ulanyş möhleti geçen iýmit önümleri;

öňki naharlanmadan galan iýmit önümleri we öňküsi gün taýýarlanan iýmit önümleri;

zaýalanma alamatlary bolan gök-miwe önümleri;

oba hojalyk mallarynyň iç - goşlary, eti, balyk, oba hojalyk guşlary, weterinar gözegçiliginden geçirilmedik ýagdaýynda;

arassalanmadyk guş eti;

ýabany haýwanlaryň eti;

suwda ýüzýän guşlaryň eti we ýumurtgalary;

daşy hapalanan we çat açan ýumurtgalar;

germetiki bitewligi bozulan, bombažly, poslan, daş görnüşleri üýtgän, etikatkasyz konserwirlenen önümler;

dürli goşundylar bilen hapalanan ýa-da ammar mör-möjekleri bilen zeperlenen un, kakadylan miweler, däne we beýleki önümler;

öý şertlerde taýýarlanan (önümçilikde taýýarlanmadyk) iýmit önümleri;
kremli konditer önümleri (pirožnylar we tortlar);
pasterizirlenmedik süýtden taýýarlanan dorag, demir gapda gelen dorag we termiki işlenilmedik gaýmak;
ilkinji işlenmedik we pasterizirlenmedik süýt we süýt önümleri;
gönezliksiz özi turşan gatyk;
kömelekler we olardan taýýarlanylan önümler;
kwas;
senagat taýdan taýýarlanylmadyk morslar;
çig kakadylan et we şöhlat önümleri;
ýagda gowrulan kartoşka (fri);
sirke turşysy, gorçisa, ajy burç (gara we gyzyl) we beýleki ajy goşundylar;
ajy souslar, ketçuplar, maýonez, marinadlanan miweler we gök önümler;
kofe, kuwwat beriji we alkogolly içgiler;
kulinar, doňuz, goýun ýaglary, margarin we beýleki gidrogenizirlenen ýaglaryň görnüşleri (margarin we beýleki gidrogenizirlenen ýaglary diňe bulkalar we konditer önümleri taýýarlamak üçin ulanylmalydyr);
erik şäniginiň maňzy we arahis;
ösümlik ýaglarynyň esasynda taýýarlanan süýt, süýt önümleri we doňdurmalar;
ir-iýmiş we miwe önümlerden taýýarlanylan (termiki işlenilmedik) sowuk içgiler we morslar;
sowuk çorbalar we okroşkalar;
termiki işlenilmedik gök nohut;
üwelen etli makaron (flotskiý) we gaýnadylan ýumurtga bilen taýýarlanan makaronlar;
heýgenek (sarysy bişirilmedik ýumurtga);
paştetler, etli we doragly blinçikler;
gury iýmit konsentratlaryň esasynda tiz taýýarlanylýan birinji, ikinji naharlar we şol sanda gurak ertirlikler;
çipsiler;
içi bally süýjüler (şol sanda sorulýan gaty süýjüler);
gazlandyrylan içgiler;
doňdurma;
öz düzüminde sintetiki reňkleýjileri, ys, tagam we süýjüji berijileri, konserwantlary,  aminokislatalary, kofeini saklaýan içgileri,;
düzüminde 0,5% etanoly saklaýan çal we beýleki turşadylan süýt  onümleri;

**Bellik:** doragy diňe dürli hamyrly önümler bişirlende ulanmaly, çig gaýmagy sous görnüşinde we 1-nji nahar taýýarlananda  goşup gaýnatmaly.

Okuwçylary goşmaça iýmitlendirmek üçin  maslahat berilýän  iýmit önümleriniň görnüşleri 4-nji tablisada görkezilen.

4-nji Tablisa

**Okuwçylara goşmaça iýmitlendirmek üçin maslahat berilýän iýmit önümleriniň sanawy**

| **Iýmit önümleriniň görnüşleri** | **gaplanan önümiň massasy (göwrümi)** | **Bellik** |
|---|---|---|
| Miweler (alma, armyt, mandarin, apelsin, banan we ş.m.) | - | Gowy ýuwulan miweler ýeke-ýekeden ýa-da polimer gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Çüýşelere, ýa-da amatly göwrümli gaplara gaplanan (çüýşeli) gazlandyrylmadyk içilýän suw | 500ml. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Çaý, kakaoly şekerli, süýtli içgiler. | 200 ml. çenli | Gyzgyn içgiler taýýarlanandan soň 3 sagatdan köp bolmadyk wagtyň içinde hödürlenýär |
| Miwe we gök önümleriň şire suwlary, instantly (çalt ereýän) witaminli içgiler | 500ml. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Stererilizirlenen süýt we süýt önümleri (ýaglylygy 2,5%, 3,5%) | 500ml. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Turşadylan süýt önümleri (ýaglylygy 2.5%, 3,2%) | 200gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde diňe sowadyjy enjamlary bolan nokatlarda hödür- lenýär |
| Dorag peýnirçesinden başga dorak önümleri (ýaglylygy 9%-den ýokary bolmadyk) | 125gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde diňe sowadyjy enjamlary bolan nokatlarda hödür- lenýär |
| Buterbrod üçin gaty peýnir | 125gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Çörek we bulka önümleri | 100gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Guradylan we kakadylan miwe önümleri, hozlar (arahisden başga) | 50gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Senagat we hususy şertlerde taýýarlanan konditer önümleri (kökeler, wafliler, kiçi keksler, bally kökeler) | 50 gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |
| Şekerli konditer önümleri (iris, zefir, karamelden başga konditer batonçiklar), şokolad | 25gr. çenli | Senagatda öndürilen gaplara gaplanan görnüşde hödürlenýär |

105. Nahar taýýarlanýan bloga getirilýän iýmit önümleri çig haryt we iýmit önümlerine bildirilýän gigiýena talaplaryna laýyk gelmelidir, we olar önümiň taýýarlanan wagty, saklanyş möhleti we şerti baradaky maglumaty hem-de hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalary bilen ýollanmalydyr. Ýollanma resminamalary iýmit önümleri doly satylyp gutarýança saklanylmalydyr.

Iýmit önümleriniň hilini kesgitlemek üçin hil barlagy geçirilýär we hödürlenýän nusgalara laýyklykda (1-2-nji görnüşlerde görkezilen) barlagyň netijesi barada alnyp barylýan depderçä bellik edilýär, şeýle-de saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan alnyp barylýan iýmit bilen bagly beýleki görnüşler boýunça ýazgylar edilýär.

1-nji Görnüş

**Çig haryt we iýmit önümleriniň hili bellik edilýän depderçe**

| Çig haryt önümleriniň we iýmit önümleriniň gelen senesi we wagty | Iýmit önümleriniň ady | Çig haryt önümleriniň we iýmit önümleriniň mukdary (kg., litirde, sanawda) | Kabul edilen iýmit önümleriniň howpsuzlygyny tassyklaýan resminamanyň № | Çig haryt önümlerine we iýmit önümlerine organoleptiki baha bermegiň netijeleri (tagamy, ysy, daşky görnüşi we ş.m.) | iýmit önümleriň soňky ýaramlylyk möhleti | Çig har önümleri we iým önümleri takyk satylyp gutaryla güni we sagady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| | | | | | | |

**Bellik:** Önümleriň hasapdan çykarylandygy we yzyna gaýtarylanlygy we şoňa meňzeş barada subutnamalar bellenýär.

2-nji Görnüş

**Taýýar iýmit önümleriniň hili bellik edilýän depderçe**

| Tagamlaryň taýýarlanan senesi we wagty | Hiliniň barlanan wagty | Tagamyň ady we görnüşi | Taýýarlanan iýmit önümlerine organoleptiki bahalandyryşy we taýýarlyk derejesiniň bahalandyrylşy | Taýýarlanan iýmit önümleriniň satuwa rugsady | Iýmit önümleriniň hiliniň barlagyna gatnaşan topar agzalarynyň goly | Be |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | |
| | | | | | | |

**Bellik:** Taýýar önümleriň satuwa gadagan edilmesiniň subutnamalary bellenýär.

106. Naharhana (bufet) işgärleriniň borçlary:
işe arassa we ýakymly egin-eşikde we aýýakgapda gelmeli;
eşik çalşylýan otagda şahsy zatlaryny we üstki egin-eşiklerini goýmaly;
eliň, ýüzüň, bedeniň arassaçylygyny saklamaly we dyrnaklaryny gysga aýyrmaly;
işe başlamazdan öň sabyn bilen ellerini ýuwmaly, ýörite bellenen ýerde iş sanitariýa eşiklerini geýmeli. Her gezek hajathanadan soň ellerini sabyn bilen we mümkinçilige görä, zyýansyzlandyryş serişdesi bilen ýuwmaly;
hajathana girilende iş eşiklerini çykarmaly;
iş wagtynda arassa egin-eşik geýmeli, temençe, iňňeleri eşiklere berkitmeli däl, jübülerinde temençe, aýna we beýleki şahsy zatlary saklamaly däl, şeýle-hem ýüzük, gülýaka, sagat, ýalygyň üstünden saç berkidijileri dakmaly däl;
diňe yörite bölünip berlen otaglarda ýa-da ýerlerde iýmitlenmeli;
dümew keselleriniň ýa-da içege bozulmalaryň alamatlary ýüze çykan halatynda, şeýle hem iriňli zeperlenmeler, kesikler, ýanyklar ýüze çykan ýagdaýynda jemgyýetçilik iýmit kärhanasynyň ýolbaşçysyna habar bermeli we lukmançylyk edarasyna bejergi üçin ýüz tutmaly;
işgäriň maşgalasynda ahli içege ýokanç keselleri ýüze çykan ýagdaýynda habar bermeli.
107. Nahar taýýarlanýan blogynda işgärleri deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlagyndan geçirilenden soň, şeýle hem bellenen talaplara laýyklykda gigiýena taýýarlyk okuwyny geçenden soň işlemeklige rugsat berilýär;
Her bir işgäriň sanitariýa kitapçasy döredilip, oňa onuň saglyk ýagdaýy we gigiýena taýýarlyk okuwyny geçenligi barada bellikler edilýär.
Her gün işe başlamazdan öň saglygy goraýyş işgäri naharhanadaky işleýänleriň bedeniniň açyk ýerleriniň iriňli ýaralaryna barlag geçirýär. Deride iriňli keselleri, iriňlän kesilen ýaralary, ýanyklary, sypjyrmalary bolan, hem-de ýokary dem alyş ýollarynyň sowuklama keselli işgärler işe goýberilmeýär. Gözden geçirmäniň netijeleri 3-nji görnüşdäki depderçä bellenilýär.
Her iýmit taýýarlanylýan blogynda ilkinji kömegi bermek üçin derman serişdeleriniň ýygyndyly gutusy bolmalydyr.

3-nji Görnüş

**Iýmit taýýarlaýan blogynyň işgärleriň saglyk depderçesi**

| № | A.A.F. | Käri | Aýy/güni: | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| 2 | | | | | | | | | | | | |

## XI. Bilim beriş tertibine bildirilýän talaplar

108. Gigiýena talaplar baradaky okuw maksatnamalar, usuly gollanmalar, terbiýeçilik işlerini geçirmekligiň tertibi sanitariýa kadalaryna laýyk gelýän sanitariýa-epidemiologiýa netijesi bolan ýagdaýynda ulanmaklygyna rugsat edilýär.

Bilim beriş iş ýüküniň rugsat edilýän maksimal ululygyna bildirilýän gigiýeniki talaplar 5-nji tablisada görkezilen.

5-nji Tablisa

**Bilim beriş iş ýüküniň rugsat edilýän maksimal ululygyna bildirilýän gigiýeniki talaplar**

| Synplar | Maksimal rugsat edilýän okuw sagatlary |
|---|---|
| | 6-günlik hepdede (sagatda) |
| 1 | 26 |
| 2-4 | 26-32 |
| 5-7 | 36 |
| 8-10 | 38 |

Çagalaryň saglyklaryny berkitmek maksady bilen we olaryň mekdeplerde bildirilýän talaplara uýgunlaşmak hadysasyny ýeňilleşdirmek üçin, başlangyç synplarda sapaklaryň dowamlylygy 35 minut bolanda 6-günlük okuw hepdesinde rugsat edilýän hepdelik okuw agramy 25-26 sagatdan köp bolmaly däl.

Goşmaça, toparlaýyn we ýekeleýin geçirilýän özbaşdak sapaklar maksimal rugsat edilýän okuw sagatlarynyň içine girmeli.

109. Sapagyň dowamlygy 45 minutdan artyk bolmaly däl.

110. 1-nji synpa çagalary kabul etmeklik çaganyň okuwa taýýarlygy baradaky psiholog-lukmançylyk-pedagogiki toparyň netijenamasynyň esasynda amala aşyrylýar.

Çagalary 1-nji synpda okatmaklyk aşakdaky talaplar esasynda amala aşyrylmaly:

okuw sapaklary diňe günüň birinji ýarymynda alnyp barylmaly;

okuw hepdesiniň ortasynda ýeňilleşdirlen okuw gününi gurnamaly;

okuw her günde dört sapakdan köp okadylmaly däl;

okuw sapagynyň dowamlylygy okuw ýylynyň 1-nji ýarymynda 35 minutdan köp bolmaly däl;

okuw gününiň ortasynda dowamlylygy 20 min az bolmadyk hereketli arakesmäni gurnamaly;

başlangyç synpdaky çagalar üçin 1-gezeklik gyzgyn nahar bilen iýmitlendirmegi gurnamaly.

111. Çagalaryň saglygyny bekeltmek we olaryň okuwyň talaplaryna uýgunlaşmasyny ýeňilleşdirmek maksady bilen 1-nji synplarda okuw sagatlarynyň dowamlylygyny kem-kemden artdyrmagyň “basgançakly” usuly ulanylýar.

112. Başlangyç synplarda esasy okuw dersleri boýunça sapaklaryň möçberi okuwçylaryň umumy okuw agramynyň 80%-den ýokary bolmaly däl. Çagalaryň ýadawlygynyň öňüni almak, oňurga we görüş bozulmalarynyň öňüni almak maksady bilen, sapaklarda bedenterbiýe minutlary we ýazuw, okuw, matematika sapaklarynda göz üçin maşklar geçirilýär (şu sanitariýa kadalarynyň 3-nji we 4-nji goşundylarynda görkezilen).

113. Mekdeplerde çagalaryň ösüşiniň biologiki talaplaryny kanagatlandyrmak üçin şertler döredilýär. Bu talap okuwçylaryň okuw wagtynda azyndan 2 sagat dowamlylygynda hereketde bolmaklaryny üpjün etmekden ybaratdyr. Işjen hereketiň bu göwrümi okuwçylarynyň güniň dowamynda okuwçylar bilen sapakdan daşary geçirilýän köpçülikleýin aşakda görkezilen çäreleri hem öz içine alýar (şu sanitariýa kadalarynyň 4-nji goşundysynda görkezilen): okuw sapaklaryna çenli maşklary geçirmek, sapak wagty geçirilýän bedenterbiýe minutlary, arakesmelerdäki hereketli oýunlar, uzaldylan günli toparlarda geçirilýän sport oýunlary, bedenterbiýe sapaklary, sapakdan daşary sport çäreler we ýaryşlar, saglyk güni, bedenterbiýe bilen özbaşdak meşgullanmak üçin sarp edilýän wagtlar girýär.

114. Okuw sapaklaryny 8:30-dan öň başlamaly däldir.

Aýratyn sapaklary çuňlaşdyryp öwredýän, mekdeplerde, okuw sapaklary diňe günüň birinji ýarymynda geçirilmelidir.

Iki salkynda işleýän mekdeplerde 1-3 we gutardyş synplaryň günüň birinji ýarymynda okadylmagy gurnalmaly.

115. 2-nji synpdan başlap, sesli tehniki serişdeleri ulanmak bilen okuw maksatnamalaryny özleşdirýän mekdeplerde çagalaryň esasy meýilnama materialy bilen işlemeli wagtynyň dowamlylygy: 2-nji synpda ýazuw sapagynda – 20 min köp däl, 3-nji synpda – 25 min köp däl; matematika sapagynda 2-nji synplarda – 15 min köp däl, 3-nji synplarda – 20 min köp däl. Ene dili sapaklarynda sesli tehniki serişdeleri diňe görkezme esbap hökmünde ulanmaklyga rugsat edilýär.

116. Mekdeplerde sapak wagtynda okatmagyň audiowizual tehniki serişdelerini üznüksiz ulanmaklygyň dowamlylygy 6-njy tablisa laýyklykda gurnalýar:

6-njy Tablisa

**Sapaklarda dürli tehniki okuw serişdelerini üznüksiz ulanmaklygyň dowamlygy**

| Synplar | Ulanmaklygyň (işlemekligiň) dowamlylygy (minutlarda) | | | |
|---|---|---|---|---|
| | diafilmler, diapozitiwler | kinofilmler | telegepleşikler | Kompýuterde işlemek |
| 1-2 | 7-15 | 15-20 | 15 | 15 |
| 3-4 | 15-20 | 15-20 | 20 | 20 |
| 5-7 | 20-25 | 20-25 | 20-25 | 25 |
| 8-10 | - | 25-30 | 25-35 | 30 |

117. Sapaklarda kompýuter tehnikalary ulanylanda wideodispleýli terminally sapaklaryň üznüksiz dowamlylygy we öňüni alyş çäreleriň geçirilişi wideodispleý terminallaryna we hususy kompýuterlere bildirilýän gigiýeniki talaplara laýyk gelmelidir.

Wideodispleýli terminally sapakdan soň göz üçin maşklar geçirilmeli. Bu maşklar iş ýerinde ýerine ýetirilmeli (şu sanitariýa kadalarynyň 4-nji goşundysynda görkezilen).

118. Zähmet sapagynda dürli ýumuşlaryň görnüşleri gezekleşdirilip geçirilmeli. Işiň şol bir görnüşini bütin sapagyň dowamynda ýerine ýetirmeklige rugsat edilmeýär.

Okuwçylar üçin amaly işiň umumy dowamlylygy 1-2 synplarda 20-25 minut, 3-4-nji synplarda okaýanlar üçin 30-35 minut bolmaly.

Kagyz, karton, mata bilen üznüksiz işlemekligiň dowamlylygy 1-nji synplar üçin 5 min, 2-3 -nji synplar üçin 5-7 min , 4-nji synplar üçin 10 min, agaç we simler bilen işlenende 4-5 minutdan artyk bolmaly däl.

Zähmet sapaklarynda amaly işiň dowamlylygy 1-2-nji synplarda 20-25 min, 3-4-nji synplar üçin 30-35 min, 5-6-njy synplarda okuw sapagynyň 65% -den köp bölegini tutmaly däl. Esasy zähmet işleri boýunça üznüksiz işiň dowamlylygy 5-nji synplarda okaýanlar üçin 10 min, 6-njy synpda okaýanlar üçin 12 minutdan köp bolmaly däl.

119. Esasy okuw sapaklary bilen goşmaça okuw sapaklaryň tertibi aýratynlykda düzülýär. Goşmaça sapaklaryny hökmany sapaklaryň az sanly gününde geçmekligi meýilleşdirmeli.

120. Başlangyç synplarda goşalandyrylan okuw sagatlary geçirilmeýär. 5-10-njy synplarda okaýanlar üçin goşalandyrylan sapaklar tejribe, barlag işleri bar bolan okuw dersleri, zähmet okuwy we maksatlaýyn gönükdirilen bedenterbiýe sapagy üçin rugsat edilýär.

5-10-njy synplarda okaýanlar üçin esasy rugsat edilýän okuw sapaklaryndan goşalandyrylan sagatlary bedenterbiýe sapagynyň soňunda ýa-da dowamlylygy 30 minutdan az bolmadyk arakesmeden soň goýmaklyga rugsat edilýär.

121. Sapaklaryň tertibi düzülende günüň we hepdäniň dowamynda sapaklary gezekleşdirmeli, kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin esasy okuw sapaklary aýdym-saz, zähmet, şekillendiriş sungaty, bedenterbiýe sapaklary bilen, orta we uly ýaşly okuwçylar üçin bolsa tebigy - matematika okuw sapaklary gumanitar ugurly okuw sapaklary bilen gezekleşdirmelidir.

122. Mekdep ýaşly çagalarda akyl işjeňliginiň biologiki dolulugyny göz öňünde tutup, sapaklaryň tertibiniň düzülmesine edilýän gigiýeniki talaplar № 5 goşundyda berilýär.

123. Okuwçylara öýe berilýän ýumuşlary, ýerine ýetiriliş mümkinçiliklerini göz öňünde tutmak bilen: 1-njy synpda (2-nji ýarymýyllykdan) 1 sagada çenli, 2-nji synpda- 1,5 sagada, 3-4 synplarda 2 sagada, 5-6 synplarda 2,5 sagada, 7-8 synplarda 3 sagada, 9-10 synplarda 4 sagada çenli çäklerde berilmeli.

124. Çagalaryň özbaşdak taýýarlyklary sagat 16-00-dan başlanmaly.

125. Çagalaryň uzaldylan günli toparlarda özbaşdak taýýarlyga başlamazdan öň açyk howada oýnamaklary (gezelençler, hereketli we sport oýunlary, meýdançalarda jemgyýete peýdaly zähmet we şoňa meňzeş) olaryň işjenliginiň okuw bilen utgaşmagyna uly täsir edýär. Özbaşdak taýýarlykdan soň emosional häsiýetli çärelere (gurnak sapaklary, oýunlar, aýdym-sazly konsertlere taýýarlyk, wiktorinalar we başgalar) gatnaşmak.

## XII. Ýöriteleşdirilen binalarda ýerleşdirilen, mekdepleriň otaglaryna we abzallaşdyrylyşyna bildirilýän talaplar

126. Mekdep ýöriteleşdirilen binada ýerleşdirilende hökmany suratda aşakdaky otag toplumlary bolmalydyr: okuw otaglary, bedenterbiýe sapagy boýunça otaglar, naharhana ýa-da bufet, saglyk otagy ýa-da lukmançylyk hyzmaty üçin otaglar, ýolbaşçy-hojalyk otaglary, hajathanalar, egin-eşik çalşylýan otaglar.

127. Otaglaryň meýdany her aýratyn ýagdaý üçin, ýöriteleşen ugruna, okuwçylaryň sanyna we ýaşyna, synp otaglaryň sanyna hem-de arassaçylyk kadalarynyň talaplaryna laýyklykda Döwlet Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşmak arkaly kesgitlenilýär.

128. Otagyň pol örtükleri we diwarlaryň örtügi üçin polimer materiallar gurluşykda ulanylmaga rugsat edilýän materiallaryň sanawyna laýyklykda saýlanyp alynýar.

## XIII. Okuwçylaryň gigiýena terbiýesi

129. Okuwçylara gigiýena terbiýäni bermek okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulan maglumatlaryň ene dili, botanika, zoologiýa, anatomiýa, fiziologiýa we adamyň gigiýenasy, bedenterbiýe we zähmet sapaklarynda öwredilmegi netijesinde amala aşyrylýar.

130. 1-10 synp okuwçylara gigiýena terbiýäniň esasy görnüşleri “Ýaşaýyş-durmuş esaslary” okuw dersleriniň tejribe-gigiýena sapaklarynda berilýär.

131.Pedagogik işgärler okuwçylardan bellenilen sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny berjaý edilmegini, otaglaryň we mekdebiň meýdançasynda arassaçylygyň saklanmagyny, okuw otaglarynyň ýelejiredilmegini, okuwçylaryň tämiz egin-eşikde we aýakgapda gelmeklerini, şahsy arassaçylygyň saklanmagyny, partada dogry oturmaklaryny yzygiderli talap etmäge borçludyrlar. Okuwçylaryň şahsy arassaçylyk kadalaryny ýerine ýetirişlerini synp ýolbaşçylary barlap, öz gözegçiliklerinde saklamalydyr.

132. Okuwçylara gigiýeniki terbiýe we bilim bermek işi saglygy goraýyş işgärleri we mekdep mugallymlary tarapyndan geçirilýär.

133. Mekdepleriň sanitariýa ýagdaýy baradaky meseleler mekdepde geçirýän pedogogiki maslahatlarda yzygider seredilmelidir.

## XIV. Okuwçylara lukmançylyk hyzmatlaryny ýola goýmak üçin bildirilýän talaplar

134. Ähli mekdepler ýörite hünärli orta saglygy goraýyş işgäri we pediatr-lukmany bilen üpjün edilmelidir.

135. Mekdeplerde bilim alýan okuwçylary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň buýrugyna laýyklykda hökmany, deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlaglaryndan geçmeklik üpjün edilýär.

136. Çagalaryň arasynda bitlemekligiň öňüni almak maksady bilen her dynç alyşdan soň ýylda 4 gezekden az bolmadyk görnüşde we her aýda saýlama görnüşinde (4-5 synpda) barlaglar geçirilmeli. Barlaglar (bedeniň saçly böleginde, egin-eşikde) ýagty otagda lupaly we maýda dişli darak bilen geçirilmeli. Her barlagyndan soň daraklar gaýnag suwa ýuwmaly ýa-da 70%-li spirt ergini bilen süpürilmeli.

137. Mekdebiň ähli işgärleriniň hökmany deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlaglaryndan bellenen tertipde geçmekleri zerurdyr.

138. Aýratyn okuw sapaklaryny çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriň müdirligi we saglygy goraýyş işgärleri dowamly kesellerden ejir çekýän çagalary kabul edende, ata-enelerine bu ýöriteleşdirilen mekdeplerde okamagy çaganyň saglygyna goşmaça howply faktorlaryň biri bolup biljekdigini düşündirmelidir.

## XV. Sanitariýa kadalarynyň berjaý edilşine jogapkärçilik

139. Mekdeplerde we mekdep-internatlarda sanitariýa kadalarynyň ýerine ýetirilşine gözegçilik Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan amala aşyrýar.

140. Saglygy goraýyş işgäri okuw döwründe we okuwdan daşary geçirilýän sapaklaryň dowamynda gündelik epidemiýa garşy-sanitariýa (öňüni alyş) çäreleriniň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçiligi amala aşyrmalydyr.

141. Nahar taýýarlanylýan blokda sanitariýa kadalarynyň berjaý edilşinde jogapkärçiligi baş aşpez çekýär.

142. Mekdeplerde sanitariýa kadalarynyň berjaý edilşine mekdebiň ýolbaşçylary jogap berýär.

Umumybilim berýän mekdepler
sanitariýa-epidemiologiki
kadalaryna № 1 Goşundy

**Lukmançylyk otagynyň enjamlarynyň we gurallarynyň mysaly sanawy:**

| | |
|---|---|
| Ýazuw stoly | 1-2 sany |
| Oturgyçlar | 4-6 sany |

Germew (şirma) 1 sany
Kuşetka 1 sany
Dermanlar üçin şkaf 1-2 sany
Beýleki goşlar üçin şkaf 1 sany
Aýna gapakly lukmançylyk stoly:
a) öňüni alyş sanjym üçin enjam toplumy 1 sany
b) ilkinji kömegi bermek üçin dermanlar toplumly 1 sany
Sowadyjy (sanjymlar we derman serişdeleri üçin) 1 sany
El ýuwyjy enjam 1 sany
Gapakly bedre 1 sany
Lukmançylyk terezileri 1 sany
Boý ölçeýji gural 1 sany
Spirtometr 1 sany
El dinamometri 1 sany
Göz lukmany we gulak, burun, bokurdak keselleri lukmanlaryň barlaglary üçin stol çyrasy 1 sany
Rottanyň guralyna gurnalan, gözüň ýitiligini kesgitlemek üçin tablisa 1 sany
Tanometr 1 sany
Fonendoskop 2 sany
Kiçi biks 2 sany
Uly biks 2 sany
Rezinden daňy 4-6 sany
Iňňeli ýekeleýin sanjym üçin şprisler (2,0, 5,0, 10,0ml.) hersinden 10 sany
Jübtek 1 sany
Lukmançylyk termometrleri 20-25 sany
Gaýçylar 2 sany
Rezinden gyzdyryjy (grelka) 12 sany
Buz halta 1-2 sany
Böwrek şekilli legenjik (lotok) 5 sany
Demirden şpatel 40 sany
Şinalar (Krameriň, Diterihsiň, plastmassadan, bedeniň ýokarky bölegi üçin) 10 sany
Nosilka 1 sany
Tubus kwarsy 1 sany
Çagalar üçin bejerilen (56-58mm Dpp) linzalary 1dptr äýnek 1 sany
E. B. Rabkiniň reňk duýujy polihrom tablisasy 1 sany
Agaçdan plantogrof (zähmet otagynda taýýarlanan hem bolup biler) 1 sany
Halyjyk (1×1,5m) 1 sany

Umumybilim berýän mekdepler
sanitariýaiýa-epidemiologiki

kadalaryna № 2 Goşundy

**Mekdeplerde karantin döwründe arassaçylyk-zyýansyzlandyryş işleriň geçiriliş tertibi**

| Desganyň ady | Zyýansyzlandyrmanyň usuly we düzgüni |
|---|---|
| 1.Otaglar(diwary,gapylary,aýnaň öňleri we ş. m.)gaty mebel | Aşakdaky zyýansyzlandyryş serişdelerine öllenen esgi bilen arassaçylyk işleri geçirilýär:<br>0,5%-li hloramin ergini-60min;<br>0,5%-li hlor hekiniň ergini-60 min;<br>3%-li wodorod turşysynyň ergini ýuwujy ergin bilen bilelikde-60min;<br>1%-li peraminiň ergini-60 min;<br>1%-li poliseptiň ergini-60 min;<br>3%-li amfolanyň ergini-60 min; |
| 2. Halylar | Aşakdaky zyýansyzlandyryş serişdelerine öllenen esgi ýa-da şotka bilen iki gezek arassalamaly:<br>0,5%-li hloramin ergini;<br>0,2 %-li sulfohlorantinyň ergini;<br>1 %-li peraminyň ergini; |
| 3. Iýmit galyndylaryndan arassalanan gaplar. | 2%-li sodanyň ergininde ýa-da ýöne suwda 15 min. gaýnatmaly. Aşakdaky zyýansyzlandyryş serişdelerine 60 min ezip goýmaly:<br>1%-li hloramin ergini;<br>1%-li ýagtylandyrylan hlor hekiniň ergini;<br>0,2%-li sulfohlorantiniň ergini;<br>3%-li amfolanyň ergini-60 min;<br>Zyýansyzlandyrylandan soň gaplary ýuwmaly we guratmaly |
| 4. Galyndy iýmitler | 15min dowamynda gaýnatmaly.<br>Hlor heki ýa-da gyzgyna çydamly heki üstüne sepmeli 200gr/kg gatnaşykda- 60 min |
| 5. Sanitariýa tehniki enjamlar (el ýuwujy enjamlar,hajathana nokatlary we ş. m.) | Hajathana nokatlarynyň gapaklaryny sabynly suw bilen ýuwmaly. Beýleki enjamlary 1-nji bölümde görkezilşi ýaly ýerine ýetirmeli ýa-da ýuwyjy-zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalamaly: serişdäniň etiketkada görkezilen düzgüne laýykda ulanmaly. Ulanylan hajathananyň çotkalaryny, beýleki kömekçi esgileri 30 min 1% hlor erginine salynmaly, soňra durlamaly we guratmaly. Arassa esgiler ýörite niýetlenen we belgilenen gaplarda, hojalyk şkaflarynda saklamaly |
| 6. Aýnadan, demirden, rezinden, plastmassadan ýasalan lukmançylyk enjamlary | Himiki usul: Aşakdaky zyýansyzlandyryş serişdeleri bilen süpürmeli ýa-da şolara ýatyrmaly:<br>1%-li hloramin ergini-30 min;<br>2,5%-li hlorgeksidin biglukanatyň ergini-30 min;<br>3%-li wodorod peroksidiniň ergini 0,5% ýuwujy serişdesi bilen birlikde-80 min; |

| | |
|---|---|
| | Fiziki usul: (plastmassadan başgalar üçin) suwda ýa-da 2% -li sodaly ergin bilen 15 min gaýnatmaly; gury gyzgyn howa 120º-45min. |
| 7. Işgärleriň elleri | elleriň arassaçylygyny saklamak maksady bilen zyýansyzlandyryş işleri geçirilende şu erginler bilen öllenen pagta bölejigini ulanyp 2 min. dowamynda elleri gowy süpürmeli: 2,5% (0,5%)hlor gesedin biglukanatyň suwly ergini; 1%-li ýodopironyň ergini; 0,5%-li hlorominiň ergini; soňra eller sabyn bilen ýuwulýar. |

Umumybilim berýän mekdepler
sanitariýa-epidemiologiki
kadalaryna № 3 Goşundy

## Bedenterbiýe minutlary üçin niýetlenen maşklaryň toplumy

Aýratyn synalara, synalar ulgamlaryna we tutuş bedene psihiki, statiki, dinamiki agramlary salýan okuw sapaklary ýerli ýadawlygy aýyrmak üçin bedenterbiýe minutlarynyň, şeýle hem umumy täsirli bedenterbiýe minutlarynyň (BM) geçirilmegini talap edýär.

**Kelle beýnisiniň gan aýlanyşygyny gowulandyrmak üçin bedenterbiýe minutlary**

1. Başdaky ýagdaý (b.ý) – oturgyçda oturyp, 1-2 – kelläňi yza etmeli we ýuwaşlyk bilen yza egmeli, 3-4 – kelläňi öňe egmeli, çiginleriňi galdyrmaly däl. 4-6 gezek gaýtalamaly. Haýallyk bilen ýerine ýetirmeli.

2. B.ý. – elleriňi bile goýup oturmaly. 1 – kelläňi saga tarap öwürmeli, 2 – b.ý 3 – kelläňi çep tarapa öwürmeli, 4 – b.ý. 6-8 gezek gaýtalamaly. Haýallyk bilen ýerine ýetirmeli.

3. B.ý. – elleriňi biliňe goýup, oturmaly ýa-da dik durmaly. 1 – kelläňi çepe öwrüp, çep eliňi sag egniňe ýetirmeli. 2 – b.ý., 3 – 4 – şol hereketi sag eliň bilen ýerine ýetirmeli. Bu maşky haýallyk bilen 4-6 gezek gaýtalamaly.

**Çigin guşaklygynyň we elleriň ýadawlygyny aýyrmak üçin bedenterbiýe minutlary**

1. B.ý. – elleriňi biliňe goýup, oturmaly ýa-da dik durmaly. 1 – sag eliňi öňe, çep eliňi ýokary. 2 – elleriň ornuny üýtgetmeli. Bu maşky 3-4 gezek gaýtalamaly, soňra bedeniňi gowşadyp, kelläňi öňe egip, elleriňi aşak goýberip, penjeleriňi silkeletmeli. Bu maşk ortaça haýallykda ýerine ýetirilýär.

2. B.ý. – penjeleriň arka tarapyny biliňe goýup, oturmaly ýa-da dik durmaly.

1-2 - eliň aýalaryny öň tarapda birleşdirip, kelläňi öňe egmeli. 3-4 – eliň aýalaryny yz tarapyňda birleşdirip, egilmeli. Maşky 6-8 gezek gaýtalamaly, bedeniňi gowşatmaly we elleriňi aşak goýberip silkelemeli. Haýallyk bilen ýerine ýetirmeli.

3. B.ý. – elleriňi ýokary galdyryp oturmaly. 1 – penjeleriňi ýumruga düwmeli
2 – ýumrugyňy açmaly. Bu maşky 6-8 gezek gaýtalamaly, soňra bedeniňi gowşadyp, elleriňi aşak goýberip, penjeleriňi silkeletmeli. Bu maşk ortaça

**Göwräniň ýadawlygyny aýyrmak üçin bedenterbiýe minutlary**

1. B.ý. – elleriňi kelläň arkasyna goýup, aýaklaryň arasyny açyp durmaly. 1 – çanaklygyňy birden saga, 2- çanaklygyňy birden çepe öwürmeli. Öwürýän wagtyňda çigin guşaklygyny hereketsiz saklamaly. Bu maşky ortaça haýallykda 6-8 gezek gaýtalamaly.

2. B.ý. – elleriňi kelläň arkasyna goýup, aýaklaryň arasyny açyp durmaly. 1-5 – çanaklygyň bilen bir tarapa aýlawly hereket. 4-6 – şeýle hereket beýleki tarapa. 7-8 - elleriňi aşak goýberip, penjeleriňi silkeletmeli. Bu maşky ortaça haýallykda 4-6 gezek gaýtalamaly.

3. B.ý. – aýaklaryň arasyny açyp durmaly. 1-2 – öňe eglip, sag eliň bilen aýaklaryň ugruna aşak, çep eliň bilen ýokary typdyryp, hereket etdirmeli. 3-4 – b.ý. 5-8 – şol hereketi başga tarapa. Bu maşky ortaça haýallykda 6-8 gezek gaýtalamaly.

**Başlangyç synplarda okaýanlar üçin ýazuw işli sapaklarda bedenterbiýe minutlaryna degişli maşklaryň toplumy**

**1. Kelle beýnisiniň gan aýlanyşygyny gowulandyrmak üçin BM**

B.ý. – elleriňi biliňe goýup oturmaly. 1- kelläňi saga öwürmeli. 2- b.ý. 3 –kelläňi çepe öwürmeli. 4 – b.ý. 5 – kelläňi ýuwaşlyk bilen yza egmeli. 6 – b.ý. 7 – kelläňi ýuwaşlyk bilen öňe egmeli. Bu maşky haýallyk bilen 4-6 gezek gaýtalamaly.

**2. Penje süňkleriniň ownuk myşsalarynyň ýadawlygyny aýyrmak üçin maşklar.**

B.ý. – elleriňi ýokary galdyryp otutmaly. 1 – penjeleriňi ýumruga düwmeli. 2 – ýumrugyňy açmaly. Bu maşky 6-8 gezek gaýtalamaly, soňra bedeniňi gowşadyp, elleriňi aşak goýberip, penjeleriňi silkeletmeli. Bu maşk ortaça haýallykda ýerine ýetirilýär.

**3. Göwräniň myşsalarynyň ýadawlygyny aýyrmak üçin maşklar.**

B.ý. – elleriňi kelläň arkasyna goýup, aýaklaryň arasyny açyp durmaly. 1 – çanaklygyňy birden saga, 2- çanaklygyňy birden çepe öwürmeli. Öwürýän wagtyňda çigin guşaklygyny hereketsiz saklamaly. Bu maşky ortaça haýallykda 6-8 gezek gaýtalamaly.

**4. Ünsüňi jemlemek üçin maşklar**

B.ý. – dik durup elleriňi göwräniň ugruna goýbermeli. 1- sag eliňi biliňe, 2 – çep eliňi biliňe, 3 -sag eliňi çigniňe, 4 – çep eliňi çigniňe, 5 - sag eliňi ýokary, 6- çep eliňi ýokary, 7-8 – kelläň üstünde elleriňi çarpmaly. 9- çep eliňi çigniňe, 10 – sag eliňi çigniňe, 11 – çep eliňi biliňe, 12- sag eliňi biliňe, 13-14 – elleriňi butlaryňa urmaly. Maşky 1 gezek haýal, 2-3 gezek ortaça, 4-5 gezek çalt, 6 gezek haýal ýerine ýetirip, 4-6 gezek gaýtalamaly.

sanitariýa-epidemiologiki
kadalaryna № 4 Goşundy

## Gözleriň türgenleşigi üçin maşklaryň toplumy

1. Gözleriňi çalt gyrpmaly, soňra gözüňi ýumup, 5-e çenli sanap rahat oturmaly. Bu maşky 4-5 gezek gaýtalamaly.

2. Gözüňi berk ýummaly (3-e çenli sanamaly, gözüňi açyp, 5-e çenli sanap uzaklara seredip oturmaly). Bu maşky 4-5 gezek gaýtalamaly.

3. Sag eliňi öňe uzatmaly. Kelläňi öwürmän, öňe uzan eliň süýem barmagynyň aşak, ýokary, çepe, saga hereketlerini gözüň bilen yzarlamaly. Bu maşky 4-5 gezek gaýtalamaly.

4. Öňe uzadylan eliň süýem barmagyna 1-4 çenli sanaýançaň seretmeli, soňra 1-6 çenli sanaýançaň, nazaryňy uzaklara dikmeli. Bu maşky 4-5 gezek gaýtalamaly.

5. Ortaça haýallykda gözüň bilen sag tarapa we çep tarapa gezekli-gezegine 3-4 gezek aýlawly hereket etmeli. Gözleriň myşsalaryny gowşadyp, 1-6 çenli sanaýançaň uzaklara seretmeli. Bu maşky 1-2 gezek gaýtalamaly.

Umumybilim berýän mekdepler
sanitariýa-epidemiologiki
kadalaryna № 5 Goşundy

## Sapaklaryň tertibine bildirilýän gigiýeniki talaplar

Mekdep ýaşyndaky akyl işjeňliginiň bioritmiki optimumy 10-12 sagat aralyga çenli bolýar. Bu wagt aralygynda okuw sapaklaryny özleşdirmegiň iň ýokary täsirliligi ýüze çykarylýar.

Okuw hepdesiniň dürli günlerinde okaýan çagalaryň akyl işjeňligi deň bolmaýar. Bu görkeziji hepdäniň ortasynda ýokary galýar, başynda we ahyrynda pese düşýär.

Şol sebäpden hepdäniň dowamyndaky okuw ýüküniň köp bölegini hepdäniň ortasyna (2-4 gün) goýmak amatly bolýar. Hepdäniň ortasyndaky günlerde sapaklaryň tertibine has kyn okuw dersleri goýulýar. Täze temany düşündirmek we barlag-ýazuw işlerini hepdäniň ortasyndaky günlerde 2-4 sapaklarda geçirmek maslahat berilýär.

Öýde taýynlygy köp talap edýän okuw derslerini sapaklaryň tertibinde bir güne goýmak bolmaýar.

Sapaklaryň tertibi düzülende aşakda görkezilen I.G Siwkowyň tablisasyndan peýdalanmak hödürlenýär:

| Okuw dersi | Ballar |
|---|---|
| Matematika, rus dili (milli okuw edaraly üçin) | 11 |
| Daşary ýurt dili | 10 |

| | |
|---|---|
| Fizika, himiýa | 9 |
| Taryh | 8 |
| Ene dili we edebiýaty | 7 |
| Tebigy bilim, geografiýa | 6 |
| Bedenterbiýe | 5 |
| Zähmet | 4 |
| Çyzuw | 3 |
| Surat | 2 |
| Aýdym | 1 |

Görkezilen tablisa goşmaça hökmünde häzirki zaman bilim edaralarynda okalýan has kyn okuw sapaklaryna degişli bolan informatikany we ýöriteleşdirilen ugurlar boýunça okuw sapaklaryny goşmak bolar. Görkezilen okuw sapaklary 10 balldan az bolmadyk baha bilen bahalandyrylýar.

Sapaklaryň tertibi dogry düzülende bir güne düşýän iň köp ball hepdäniň 2-nji ýa-da 3-nji gününe düşmelidir. Hepdäniň okuw ýüküniň şeýle bölünmesi 9-10-njy synplaryň sapaklarynyň tertibi düzülende hökman ulanylmalydyr.

Sapaklara berlen iň köp ball hepdäniň 1-nji ýa-da soňky gününe düşürilen bolsa, bu sapaklaryň tertibi nädogry hasaplanýar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2012-nji ýylyň 9-njy fewralynda bellige alyndy.
Bellige alyş sany 624.